# Elektron poçta



## Elektron poçtasy näme?

Elektron poçta özüniň ýönekeýje görnüşinde bir kompýuterden başgasyna ugradylan elektron habardyr. Siz goşmaçaly, meselem şekilli ýa-da formatirlenen resminamaly şahsy we işewür hatlary ugradyp we kabul edip bilersiňiz. Siz hatda aýdymlary we kompýuter programmalaryny hem ygradyp bilersiňiz.

Aýdalyň, siziň tutuş döwlet boýunça işgärleri bolan uly bolmadyk kompaniýaňyz bar. Olar bilen telefon gepleşiklerine uly çykdajylar etmezden nähili aragatnaşyk saklamaly? Ýa-da öýden uzaklarda gezip ýören maşgala agzalary bilen aragatnaşygy saklamak? Iň oňat wariant – bu elektron poçtadyr. Elektron poçtasynyň Internet setiniň has meşgur hyzmaty bolandygy geň däldir.

Hatlaryň ýolda her dürli poçta stansiýalarynda säginşi ýaly, elektron poçta Internet boýunça syýahat eden wagty poçta serweri atly bir kompýuterden başga birine geçýar. Poçta serweri ýönekeý poçta bölüminiň işleýşi ýaly işleýan kompýuterdir. Habar bellenen poçta serwerine gelen wagtyndan başlap, tä kabul ediji ony aljança elektron ýaşikde saklanýar. Bu proses sekuntlaryň dowamynda bolup geçýär we size dünýaniň çar künjegindäki adamlar bilen gije we gündiziň islendik wagtynda çalt baglanyşmaga mümkinçilik berýar.

Elektron poçtany almak üçin siziň elektron poçta serwerinde salgyňyz bolmaly. Ol siziň adaty hatlary alýan salgyňyza çalymdaş. Elektron poçtanyň adaty poçtadan artykmaçlyklarynyň biri siziň öz habarlaryňyzy islendik ýerde, gije we gündiziň islendik wagty alyp bilmegiňizdir. Serwer bilen baglanyşan mahalyňyz siz dessine öz habarlaryňyzy öz kompýuteriňize ýükläp (alyp) bilersiňiz.

**Elektron poçtanyň habaryny düzýän esasy bölekler.**

**Заголовок - Sözbaşy** habary kabul edijiniň adyny we salgysyny, ugradyjynyň salgysyny, habaryň nusgasy ugradylýanyň adyny we salgysyny, habaryň temasyny saklaýar. Poçta bilen işleýän käbir maksatnamalar habaryň adyny, salgysyny we ugradylan wagtyny ekrana çykaryp bilýärler.

**Окно** сообщения - Habaryň **penjiresi** habaryň özüni saklaýar.
Edil adaty hatyň ugradylyşy ýaly size kabul edijiniň dogry salgysyny bilmek gerek. Eger siz haty nädogry salga ugratsaňyz ýa-da salgyny ýazanyňyzda ýalňyşlyklary göýberseňiz, onda elektron poçtadaky habaryňyz edil ýok salga ugradylan hat ýaly yzyna gaýdyp geler.

Eger siz elektron poçta boýunça habary kabul eden bolsaňyz, onda onuň sözbaşysyna görä onuň nireden, nädip we haçan ugradylandygyny bilip bolýar. Bu poçta bölüminiň möhüriniň elektron görnüşidir.

Bukja (konwerte) salynýan hatlardan tapawutlylykda elektron habar gizlin bolmaýar. Elektron habarlar islendik adamlar tarapyndan kabul edilip we okalyp bilner. Gizlin habarlaryňyzy elektron poçta bilen ibermejek boluň.

**Outlook Express programmasynda çykýan elektron habara mysal**



### Outlook Express programmasynda girýan elektron habara mysal




### Elektron habarlary ugratmak üçin möhüm bolan 5 sany ýönekeý ädimler

1. Elektron poçta programmasyny açyň we gerekli düwmäni basyp, onda täze habaryň penjiresini açyň.
2. “**To (Кому)**” (“Kime”) meýdanyna kabul edijiniň adyny giriziň. Ol aşakdaky görnüşde bolmaly:

**recipient@domain.com (получатель@домен.com)** (kabul ediji@domain.com)

Habaryň dogry girizilendigine doly göz ýetiriň, bolmasa ol size dolanyp geler. Siz şol bir habary birnäçe salgylary girizip, birnäçe adamlara ugradyp bilersiňiz. Şunlukda, salgylaryň aralarynda (;) nokatly otur goýulýar. Siziň salgyňyz hata ugradyjynyň salgysy hökmünde awtomatiki usulda goýylýar.

3. Hatyň temasyny giriziň. Ol gysga we düşnükli bolmalydyr.
4. Öz hatyňyzy habarlaryň pejjiresinde ýazyň. Siz habaryňyza tekst redaktorynda ýazylan habaryň nusgasyny hem goýup (goşup) bilersiňiz.
5. **Send – Отправить** (Ugratmak) düwmesini basyň.

### Elektron poçtada salgylary nähili okamaly

Elektron poçtanyň salgysy köplenç, iki sany esasy bölekden durýar:



Birinji - **имя пользователя (andreyk)** (peýdalanyjynyň ady (andreyk)) kabul edijiniň poçta ýaşigini aňladýar. Onuň yzyndan @ belgisi gelýar (at diýlip atlandyrylýan belgi, ol “et” diýlip okalýar we beýlekileriň arasynda ýerleşýän ýerini aňladýar, bu bellik rus dilinde **“собачка”** ýa-da **“ухо”** ady bilen hem bellidir). Soňra **hostuň** - baş kompýuteriň (**untuk**) ýa-da **domeniň** ady gelýär. Bu poçta serweri, ýagny kabul edijiniň poçta ýaşiginiň ýerleşýän kompýüteridir, ol, köplenç, kompaniýanyň ýa-da guramanyň adydyr.

Domeniň adynyň soňunda (“.”) nokat goýulýär, ondan soň iki ýa-da üç sany harp (meselem, **com** ýada **gov**) goýulýär. Domeniň adynyň bu bölegi guramanyň görnüşini ýa-da baş serweriň ýerleşýän döwletini görkezýär. ABŞ çäklerinden daşarda döwletleriň iki harpdan ybarat kody bar. Meselem, **.ca** Kanadany, **.uk** – Beýik Britaniýany, **.nz** – Täze Zelandiýany aňladýar. Türkmenistanyň kody .**tm** bolup durýar.

Aşakda getirilen şekil elektron poçtanyň salgysy bilen URL ady bilen belli bolan web-saýt salgysynyň arasyndaky tapawutlary görkezilýär.

**Elektron poçtanyň salgysy:**

**infotuk@untuk.org**

**Web-saýtyň salgysy:**

**www.untuk.org**

**Elektron poçtanyň salgysyny açmak**

Eger siziň Internet setine girmäge ygtyýäryňyz bar bolsa, onda siz özüňize mugt poçta ýaşigini aňsatlyk bilen açyp bilersiňiz. Mugt poçta ýaşigini açyp bolýan köp web-saýtlar bardyr. Her bir şeýle saýtda size peýdalanyjynyň adyny (siziň elektron salgyňyzyň çepki ýarysy bolup ulanyljak) we paroly bellige aldyrtmak gerek bolýar.
Bu size dünjaniň islendik künjeginde poçtaňyzy kabul etmäge mümkinçilik berer.

**Elektron poçtanyň mugt saýtlarynyň mysallary:**
www.yandex.ru
www.rambler.ru
www.mail.ru
www.yahoo.com

**www.yandex.ru** serwerinde elektron poçtanyň ýaşigini açmak üçin bellige alyş sahypasynyň (**регистрационная страница**) mysaly:




